**Türkmenistanyň Statistika**
**baradaky döwlet komitetiniň**
**2023-nji ýylyň 26-njy oktýabryndaky**
**№89-Ö buýrugy bilen tassyklanyldy**

**№5-saglyk "Ilatyň keselleýjiligi barada hasabat" (ýyllyk)**
**döwlet statistik hasabatlylygyň formasyny doldurmak boýunça**

# GOLLANMA

№5-saglyk döwlet statistik hasabatlylygyň formasyny Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň ulgamyndaky ilkinji saglygy goraýyş kömegini berýän edaralaryň ähli̇si doldurýarlar.

Hasabaty jynsy boýunça bölmek bilen, saglygy goraýyş kömegini berýän we bejeriş işlerini amala aşyrýan edaralaryň ähli̇si doldurýarlar. Maslahat beriş anyklaýyş bölümi bolan edaralar hasabaty diňe näsagyň keselligi ýüze çykarylan ýagdaýynda däl-de, eýsem bejeriş hem-de gözegçilik işlerini amala aşyrylan ýagdaýlarda tabşyrýarlar.

Ilata agşam (gije) gaýragoýulmasyz kömegini berýän hassahanalaryň kabulhanalary tarapyndan keseller bölümi doldurylmaýar.

Ýylyň ahyrynda hasaba alnan ýiti kesselliligiň her bir ýagdaýy dowam edip, indiki ýyla geçen halatynda gaýtadan hasaba alynmaýar. Mysal üçin: ýylyň dekabr aýynda ýiti pnewmoniýa keseli kesgitlenen näsag indiki ýylyň ýanwar aýynda şol keseli dowam edende täzeden hasabat talony doldurylmaýar.

Saglyk öýüne ýüz tutmazdan ýatymlaýyn şertlerde hassahanada bejergi alan näsaglaryň keselleri ýüze çykarylan baradaky maglumatlary hasabata umumy esasda goşýarlar.

Ýatymlaýyn şertlerde bejergi alnanda ilkinji gezek ýüze çykarylan keseli (şol sanda ölüm ýagdaýynda) bellige almagyň tertibi ýerli şertlerden ugur alnyp kesgitlenýär. Anyklanan kesel kesgitlemelerini bellemek üçin hasabat talonlarynyň (f.№025-2/h) bellige alnyşy ýatymlaýyn şertlerinde bejergi alnan hassahanada doldurylyp saglyk öýüne iberilýär ýa-da näsag ýatymlaýyn şertlerinde bejergi alyp hassahanadan çykandan soň lukmançylyk kartasyndan göçürmesi esasynda (f. №027/h) soňra saglyk öýünde doldurylýar.

Umumy bejeriş edaralarynda näsaglaryň maglumatlary 1, 4, 7, 10-njy sütünler – jynsy boýunça bölmek bilen - "Şu kesel bilen hasaba alnan näsaglar" - jemi we 2, 5, 8, 11-nji sütünler - "Şolardan ömründe ilkinji gezek anyklanan kesel kesgitlemesi bilen" - bu sütünler jemleýji (anyklanan) kesel kesgitlemesi hasabat talony (f.№025-2/h), ýokanç keseller bolan ýagdaýynda gyssagly habarnama (f.№058/h) ýazgylar DA we KÝGGG-ň tarapyndan takyklanylýar.

3, 6, 9, 12-nji sütünler üçin maglumat - "Hasabat ýylyň ahyrynda sagaldyş gözegçiliginde duranlar" - sagaldyş gözegçiliginiň barlag kartalaryndan (f.№030/h) alynýar.

Ýöriteleşdirilen edaralarda - inçekesel, onkologiýa hassahanalarda, keselleriň jemleýji (anyklanan) kesel kesgitlemelerini bellemek üçin hasabat talonlar doldurylmaýar (f.№025-2/h). Bölüm sagaldyş gözegçiliginiň barlag kartalarynyň (f.№522/h, №030-6/h) esasynda doldurylýar. Psihonewrologiýa, neşekeşler hassahanalarynda bolsa sagaldyş gözegçiliginiň barlag kartalarynyň (f.№030-1/h) hem-de gatnaw bejergi alýan näsagyň kartalarynyň (f.№025-112/h) esasynda doldurylýar.

1, 4, 7, 10-njy sütünlerde – jynsy bölünişigi boýunça - "Şu kesel bilen hasaba alnan näsaglar" ýylyň dowamynda bejeriş edaralaryna ýüz tutan näsaglaryň sany (ýa-da öýlerinde seredilenler) görkezilýär, 2, 5, 8, 11-nji sütünlerde– jynsy bölünişigi boýunça - "Şol sanda ömründe ilkinji gezek anyklanan kesel kesgitlemesi bilen" hasabat ýylynda, ömründe ilkinji gezek keseli kesgitlenen näsaglaryň sany görkezilýär.

Deri-wenerologiýa hassahanalarynda weneriki kesel bilen kesellän näsaglar barada maglumatlary boýunça hasabaty düzmek üçin, weneriki keselli näsaglaryň saglygy goraýyş kartalaryndan (f. №065/h) alynýar.

Näsaglaryň deri keselleri (ekzema, dermatit we başgalar ) 1, 4, 7, 10 we 2, 5, 8, 11-nji sütünler üçin – hasabat talonlardan (f. №025-2/h); 3, 6, 9, 12-nji sütünler üçin sagaldyş gözegçiliginiň barlag kartalaryndan (f. №030/h) alynýar.

Psihonewrologiýa we neşekeşler hassahanalarynda hasabat ruhy näsaglaryň sagaldyş gözegçiliginiň barlag kartasyndan, näsagyň saglygy goraýyş gatnaw bejergi kartasyndan, neşekeşleriň gatnaw bejergi kartasyndan alnyp düzülýär.

3, 6, 9, 12-nji sütünlerde ýylyň ahyrynda keselliligi bilen sagaldyş gözegçiliginde duranlaryň maglumatlary görkezilýär. Şu sütünleri doldurmak üçin näsaglaryň sagaldyş gözegçiligi kartalary berk barlanylýar.

Olaryň içinden ýylyň dowamynda gözegçilik hasabatyndan çykarlan näsaglaryň, hyzmat edilýan ýerden göçüp gidenleriň, gözegçilik üçin beýleki edaralara geçirlenleriň, ölenleriň, sagalanlygy sebäpli sagaldyş gözegçiliginden çykarlanlaryň, uzak wagtyň dowamynda keseli ýüze çykarylman gözegçilik hasabatyndan çykarlan näsaglaryň kartalary aýrylmalydyr.

01, 02-nji setirde jynsy bölünişigi boýunça "Jemi" bejeriş edaralaryna ýüz tutan näsaglaryň keselliligi barada ähli maglumatlar görkezilýär we hasabat ýylynda ilkinji gezek keseli kesgitlenip sagaldyş gözegçiligine alnan näsaglaryň maglumatlary görkezilýär.

01-220-nji setirlerde kesselleriň synplar boýunça bölünişiginiň maglumatlary Keselleriň Halkara statistiki klassifikasiýasynyň X gezek gaýtadan seredilşine laýyklykda görkezilýär– jynsy bölünişigi boýunça.

Inçekesel hassahanalarynda we sagaldyş gözegçiligi bolan edaralarda lukman-ftiziatr wezipesi bar bolsa onda 01, 02-nji setirleriň 3, 6, 9, 12-nji sütünlerine inçekeselli näsaglaryň diňe işjeň görnüşi däl, eýsem işjeň däl görnüşleriniň maglumatlary hem girizilýär, şonuň bilen bilelikde sagaldyş gözegçiliginde inçekeseliň işjen däl görnüşi bilen durmagy dowam edýän adamlaryň, "0" toparda hasabatda duranlaryň maglumatlary girizilýär, ýöne inçekeselli maşgalalardaky sagdyn adamlar maglumata goşulmaýar. 1, 4, 7, 10-njy we 2, 5, 8, 11-nji sütünlerde inçekeseliň işjeň görnüşi bolan näsaglar görkezilýär, 1, 2, 3-nji işjeň topary boýunça seredilýänler görkezilýär .

Deri-wenerologik hassahanalaryň, edaralaryň saglyk öýlerindäki deri-wenerologik otaglaryň jetwelinde weneriki keselli, deri we beýleki deri keselli näsaglaryň maglumatlary görkezilýär (bejergini alýanlar, gutaranlar we gözegçilikde duranlar). Bu bölüme weneriki kesselliler bilen gatnaşykda bolan sagdyn adamlaryň hem-de keseliň oňüni alyş bejergisini alan adamlaryň maglumatlary girizilmeýär.

Psihiki bozulmalar kesselleriniň maglumatlaryny (keseliň sebäbine garamazdan) 33 we 34-nji setirlerde ähli ýagdaýlarynda görkezilýär.

35, 36, 37, 38-nji setirlerde bellige alynan kesselleriň we ömründe ilkinji gezek keseli anyklananlaryň sany görkezilýär.

Hasabatyň beýleki özbaşdak setirleri doldurylanda hökmany suratda şulary göz önünde tutmaly:

- 71, 72-nji setirlerde - ýüregiň hroniki rewmatik keselleri bar bolup, şol bir wagtda keseliň ýitileşmesi ýüze çykman we işjeň prosesi güýçlenmedik näsaglar gorkezilýär. Işjeň prosessiň güýçlenen ýagdaýynda olary 69, 70-nji setirde "Ýiti rewmatik ysytma" görkezmeli.

- 73, 74-nji setirlerde -"Ýokary gan basyşy bilen häsiýetlenýän keselleri" - ýokary gan basyşy bolan, ýöne ýüregiň işemiýa keseli bolmadyk ähli näsaglar we ýokary gan basyşy bilen birlikde beýniniň serebrowaskulýar keseli bolan näsaglar görkezilýär.

- 75, 76-njy setirlerde"Ýüregiň işemiýa keseli" - diýen setirinde KHSK-ň I20-I25-nji sözbaşysynda hasaba alnan haýsam bolsa - islendik keseliň biri bar bolan näsaglaryň maglumatlary görkezilýär: stenokardiýa - 77, 78-nji setirler, miokardyň ýiti infarkty –79, 80-nji setirler, ýüregiň ýiti işemiýa keseliniň başga görnüşleri - 81, 82-nji setirler we ýüregiň hroniki işemiýa keselleri – 83,84-nji setirler. KHSK-ň görkezmelerine laýyklykda, ýiti infarkty geçiren näsaglar, infarkt 8 hepdäniň dowamynda döränden soň infarkty geçiren näsaglar diýlip hasaplanylar. 85, 86 -setirde "öýken ýüregi we öýken gan aýlanyşynyň ýiti bozulmalary" we 97, 98-nji setirlerde "gan inme ýa-da infarkt hökmünde anyklanmadyk insult" bar bolan näsaglaryň maglumatlary görkezilmeli.

Eger, hasabat doldurylanda berlen düzgün berk-berjaý edilse, onda miokardyň infarkty keselliligiň maglumatlarynyň köp bölegi hasabatda ýüze çykmaýar (87, 88-nji setirler boýunça), sebäp näsaglaryň ep-esli bölegi ýylyň ahyrynda (8 hepdäniň möhleti dolandan hem-de keseliň

kesgitlemesi kesgitlenen pursatyndan başlap) ýüregiň işemiýa keseli bolan näsaglar ýaly 75, 76-njy и 83, 84-nji setirleriň hataryna goşulýar.

Miokardyň infarkt keseli barada has jikme-jik we doly maglumatlary almak maksady bilen, 79, 80-nji setirler kadadan çykma hökminde, şular ýaly doldurylýar. Miokardyň infarkt keselliliginiň her ýagdaýy bellige alynýar, hasabat ýylynda näsag ýüregiň işemiýa keseli bilen bellige alnan bolsa. Bu ýere infarktdan ölüm ýagdaýlaryny hem goşmaly, saglyk öýlerinde bular näsagyň gatnaw bejergi hem-de ýatymlaýyn bejergi (f.№027/h) kartalaryndan belli bolýar; karta hassahanadan alnandan soňra – 1, 4-nji sütünleri şu kesel bilen bellige alnan näsaglar - bu ýerde şu ýylda kesgitlenen miokardyň infarktynyň, ýüze çykan ähli ýagdaýlarynyň maglumatlary görkezilýär. Eger infarkt gaýtalan ýagdaýynda onda ol 1 sütüne öň ýanyndaky infarkt hasabat ýylyna çenli bolan bolsa diňe şol ýagdaýda goşulýar. Hasabat ýylynda gaýtadan bolan infarktlary, ikinji sapar hasabata alynmaýar.

- 2, 5-nji sütünleri “Şol sanda ömründe ilkinji gezek anyklanan kesel kesgitlemesi bilen” - bu sütünlerde ömründe ilkinji gezek miokardyň ýiti infarkty bilen kesgitlenen näsaglar görkezilýär (eger infarkt şol bir näsagda gaýtalanan bolsa onda ol hasaba goşulmaýar).

- 3, 6-njy sütünler “Hasabat ýylynyň ahyrynda sagaldyş gözegçiliginde duranlar” - bu sütünlerde hasabat ýylynyň ahyrynda sagaldyş gözegçiliginde galan näsaglar görkezilýär, ýagny hasabat ýylynyň noýabr-dekabr aýlarynyň dowamynda infarkty bolan näsaglar görkezilmeli.

- ýüregiň ýiti we ýitileşýän işemiýä keseliniň başga görnüşleri bolan näsaglaryň maglumatlary (81,82-nji setirler), stenokardiýa (77, 78-nji setirler) bulary umumy esasda şu wagtky dowamlaýyn keselli näsaglar ýaly görkezilýär.

- iýmit siňdiriş agzalarynyň keselleriniň synpy (133, 134-nji setirler) - bu synpda 135,136-njy setirler diş agyry barada maglumatlar diňe käbir ýagdaýlarda goşulýar, ýagny “Ilatyň ähli umumy sagaldyş gözegçiligini geçirmek” tertibi baradaky buýruga laýyklykda näsag diş agyry bilen sagaldyş gözegçiligine degişli bolan ýagdaýynda goşulýar.

- 183-nji setir “Göwrelilik, dogum we dogumdan soňky döwri” - bu setire aýallaryň akuşerçilik patologiýasy goşulýar - şol sanda şu patologiýa bilen sagaldyş gözegçiligine alnanlar.

**Durmuş statistikasy müdirligi**